# TÜRKSOÝ-nyň teatr festiwaly tamamlandy

Üç günüň dowamynda paýtagtymyzyň ýaşaýjylary we myhmanlary döredijilik täzeliklerinden, ýatdan çykmajak duşuşyklardan doly dostluk baýramyna öwrülen festiwaldan ruhy lezzet aldylar. Artistleriň ähli çykyşlary Aşgabadyň iň naýbaşy sahna meýdançalarynda ýokary guramaçylyk derejesinde geçirildi.

Teatr forumyna gatnaşyjylar “Seýit Jemaleddin” binagärlik toplumyna baryp gördüler. Onda milli medeniýetimiziň we geçmişimiziň ýadygärlikleri jemlenendir. Häzirki wagtda Änew şäheri barha pajarlap ösýär, bu ýerde medeni-durmuş maksatly binalar yzygiderli gurulýar.

Festiwalyň çäklerinde Alp Arslan adyndaky milli drama teatrynyň döredijilik topary “Akyldar” atly sahna oýnuny görkezdi. Änewiň taryhy ýadygärliklerine bagyşlanan TÜRKSOÝ-nyň suratkeşleriniň biýennaly festiwalyň çäklerindäki möhüm çäreleriň biri boldy. Medeni mirasa goýulýan hormatyň nyşanyna öwrülen Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde guralan bu çärede täze döredijilik eserleri görkezildi.

Festiwalyň jemleýji gününde geçirilen TÜRKSOÝ-na agza ýurtlaryň teatr ýolbaşçylarynyň 10-njy mejlisinde teatr sungatyny ösdürmegiň häzirki zaman ýörelgeleri, geljekki hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Agşam Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynda Türki medeniýetiň halkara guramasyna agza ýurtlaryň II teatr festiwalynyň ýapylyş dabarasy geçirildi.

Sahna sungatynyň gözden geçirilişine gatnaşanlara diplomlar, baýraklar we ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy. Ýeňijileriň belleýişleri ýaly, şu gezekki festiwal türki halklaryň ajaýyp taryhy-medeni mirasyny wagyz etmäge uly goşant goşar.

**HHM**

Все права защищены